# Dertdir azapkeş

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dertdir azapkeş DERTDIR AZAPKEŞ



Gel köňlüm gezim eýle dünýä serine,
Halaldan haramdan ýörünip lapykeç.
Dünýäň hoşlugynda sürünip kirine,
Biwepanyň kesibi dertdir azapkeş.
Kelam kitabynda bu ýazylan kyssa,
Doganyň meýdinden dogralsa assa,
Şol etden iýermiň parçalap kezse,
Jebri jepaň ot bor halyň gybatkeş.

Barça günä ötüler, Rahym rehmeti,
Ötülmez algydar kişiň mal eti,
Hasabyň bitermi eý garyp teti,
Barçaň günäň ýüki ogry-kezzapkeş.

Kim höwes etmedi lolyň hoşyna,
Dünýe maly süýji köňlüň işine,
Halaly ýok, haram sürünip aşyna,

Ýygnana ýyglarsyň süthor, parakeş.

Ýer götermez, asman zemin örtmezki,
Daglar çekmez, deňiz derýa içmezki,
Ol hoşlukdan jebri jepa artmazki,
Halyň derdiň ne jogap bor zynakeş.

Abraýyň, mertebäň barçasyn döker,
Imanyň, ynsabyň, ömrüňi ýakar,
Dünýä malyň köýdür garyplyk bakar,
Ynsanlyk ornuňdan otür neşekeş.

Meý şerap wyždanyň, päliňi bozar,
Şir deýin arladar, tilki deý düzer,
Doňuza meňzeder, bokuňa ýazar,
Köpükçe bahaň seň bolmaz şerapkeş.

Suratyň, jemalyň porsy eder ysy,
Teniňni syzdyrar, bozdyr nepesi,
Puluňny köýdürer ne bir manysy,
Ömüriň bazarynda bihal çilimkeş.

Halmyrat bu işler hoşdyr köňüle,
Mahabatdyr lolydan jähennem güle,
Dowzahda gül bormy, päliňe güle,
Bu hoşluga gülseň, dertdir azapkeş.

17.07.2023 ý.

Halmyrat ORAZOW. Goşgular